***Täze taryhy döwrümizde türkmen ýaşlaryna eziz Watanymyzyň geljegini gurujylar hökmünde uly ynam bildirilýär. Gahryman Arkadagymyz «Ömrümiň manysynyň dowamaty» atly kitabynda: «Men türkmen ýaşlaryna kalbymyň töründen orun berip, olary ezizleýärin» diýýän bolsa, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň «Ýaşlar — Watanyň daýanjy» atly kitabynda: «Ýaşlar döwletimiziň kuwwatly güýjüdir, halkymyzyň belent maksatlara ýugrulan nurana geljegidir» diýip nygtamagy biz — ýaş nesillere bildirilýän uly ynamyň beýanydyr.***

Häzirki döwürde ýaş nesiller döredijilik bäsleşiklerinde, sungat festiwallarynda, sport ýaryşlarynda ýokary işjeňlik görkezýärler, döwlet hem-de hususy düzümlerde üstünlikli zähmet çekip, milli ykdysadyýetimiziň ähli pudaklarynyň okgunly ösdürilmegine goşant goşýarlar. Gahryman Arkadagymyzyň Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň 19-njy sentýabrynda  geçirilen Halk Maslahatynyň nobatdaky mejlisinde eden taryhy çykyşynda Garaşsyz Watanymyzyň gazanýan zähmet üstünliklerinde, halkara bilim we sport bäsleşiklerinde eýeleýän belent sepgitlerinde mähriban ýaşlarymyzyň hyzmatynyň örän uludygyny aýratyn bellemegi kalbymyza egsilmez joşgun bagyşlady. Şunuň bilen baglylykda, şu ýylyň on aýynda mekdep okuwçylarynyň, talyplaryň halkara ders we internet bäsleşiklerinde jemi 815 medala, ýurdumyzyň milli ýygyndy toparlarynyň agzalarynyň bolsa halkara ýaryşlara gatnaşyp, jemi 818 medala mynasyp bolmaklary buýsançly ýagdaýdyr.

Ýurdumyzda ýaşlaryň hukuklary ygtybarly goralyp, mertebesi belent tutulýar, olaryň ýaşaýyş derejesini we durmuş taýdan goraglylygyny ýokarlandyrmak üçin zerur şertler döredilýär. Şunda «Ýaşlar barada döwlet syýasaty hakynda» Türkmenistanyň Kanuny, «Türkmenistanyň ýaşlarynyň halkara hyzmatdaşlygynyň 2023 — 2030-njy ýyllar üçin Strategiýasy» üstünlikli durmuşa geçirilýär. Bu bolsa biz — ýaşlary täze döredijilik üstünliklerine ruhlandyrýar.

Ýaşlar — ata Watanymyzyň geljegini gurujylar. Ýurdumyzy gülledip ösdürmek babatda ägirt uly işleri amala aşyryp, ýaş nesle uly ynam bildirýän Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak, beýik işleri elmydama rowaç bolsun!

**Göwher JORAÝEWA,**
**Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk institutynyň pedagogika fakultetiniň başlangyç bilim mugallymçylygy we psihologiýasy hünäriniň talyby.**

Все права защищены

save pdf date >>> 24.01.2026